# «Ot magtawa mätäç däl!»

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ot magtawa mätäç däl!" **Aýjemal Ýegelekowanyñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**



Penşenbe, 12.09.2024 ý.
Bizde iñ esasy ökde kompozitorlar ýetmezçilik edýär. Olary halkyñ içinden gözlemeli, tapmaly, ugur-ýol görkezmeli. Bizde munuñ üçin aýdym-sazly «ýüz görülmeýän» bäşleşikler ýetmezçilik edýär. Indi bir ýyla golaý wagt bäri özbek teleýaýlymyndan berilýän «Artist» aýdym-sazly bäsleşige tomaşa edenimde tapgyrlaryñ birinde eminleriñ biri bäşleşikde çykyş edýän ýaş ýigide «Wezirimiziñ şägirdi» diýip ýüzlenende, derrew alypbaryjy söze goşuldy: «Bu ýer tanyş-bilişçiligiñ ýeri däl bäsleşik hemaýatkärlerinden başga şu bäsleşigi gurnamakda uly tagalla eden ýaş kompozitor ýigidiñ: «Bu

bäsleşikde tanyş-bilişçilik däl, hat-da atam gelip haýyş etse-de sözi geçenok. Berilýän bahalar adalatly bolar, hemmeler deň, hemmeler şo baha bilen ylalaşmaly bolar» diýen sözüni orta atdy. Bäsleşikde zehinli ýaşlar özbekleriň medeniýet ministri, halk artisti, ussat halypa Azatbek Nazarbekowyň iň gowy şägirdini yzda galdyryp gitdiler.
Baş baýraga bolsa Özbegistan boýunça ses aýratynlygy, hiç kimde ýok sesi üçin ýaş ýigit (ady häzir ýadyma düşenok) mynasyp boldy. Özümem şol ýigidiň tapgyrlaryň birinde gitarada aýdan «Anamniň sóçida aklarni körip» aydymyny diňläp gözüme ýaş aýlananyny bilmändirin. Bizde ine şeýle «ýüz görülmeýän», hemaýatly, goldawly bäsleşikler, gözlegler ýetmezçilik edýär.
Bizde-de şeýle gurnalsa, nähili gowy bolardy. Aýdym-sazymyz öňki derejesine däl has uly üstünliklere eýe bolardy» diýýän.
Şeýle pikirler hemişe hyýalymdan geçýär. Ýazyjy-şahyrlarmyz barada bolsa hakyky ýazyjy-şahyrlar hemişe-de halkyň az, sanlyja bölegini düzýär. Ökde kompozitorlar, aýdymçylar ýüze çykyberse olaryňam içinden ökde şahyrlar, zehinlileriň ýüze çykjagy belli.
Şeýlelikde, aýdylyşy ýaly, sungatyň hemme ugry biri-biri bilen bagly bolup, bir-biri bilen sepleşip uzaklara gitjegi belli.
Döredijiligiň göni ýolundan gitmegi hemme zehinlerem isläp baranok. Il içinde dil bilýän, ýiti dilli zehinlerem bar. Olar islese, ökde terjimeçem bolup bilerdiler. Dogry ýoly irnikli ýa-da girdejisiz gorýärler. Şeýdibem negözel zehinlerini biderek zatlara sarp edýärler.
Sözümi özbek ýazyjysy Goçgor Norkobulyň «Köňül depderinden» alynan setirler bilen jemläsim gelýär: *«Meniň ortatap ýazyjy dostum bar: Edebiýat kysmatym, eserler – perzentlerim!..» diýip agyz dolduryp geplese-de, «hyzmatlary» üçin ornuna baýraklar tama edýär. Şan-şöhrat tamakinçiliginde ýaşaýar. Ýüreginde tamakinçilik çökip galan şahyryň ýazanlary çyg çeken odunyň demigip tüteýşine meňzeýär. Ot bolsa… ot başgaça! Ol hiç wagt magtawa, özgeçe görnüşe hem mätäç däl!»* Nukdaýnazar